**5-nji aprel güni** Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde «Parahatçylyk, ynanyşmak — ynsanperwerligiň we ösüşiň binýady» atly ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde hereket edýän 6-njy ÝUNESKO Kluby açyldy.  Ýurdumyzyň ylym-bilim we medeni-ynsanperwer ugurly ösüşlerine mynasyp goşant goşýan, birnäçe hormatly myhmanlaryň, Türkmenistanyň Gahrymany Çynar Rüstemowanyň, şeýle-de ýokary okuw mekdebiniň ýolbaşçylarydyr professor mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň gatnaşmagynda geçirilen açylyş dabarasy uly üstünliklere beslendi. Şatlyk-şowhun, uly ruhubelentlik bilen açylan ÝUNESKO kluby ata Watanymyzda parahatçylygy, dost-doganlygy giňden wagyz etmekde alnyp barylýan işleriň nobatdaky subutnamasy boldy.



Ýurdumyzyň parahatçylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmakda alyp barýan asylly işlerine özüniň mynasyp goşandyny goşýan ýaşlara döwrebap we milli ruhda bilim  berýän Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde ÝUNESKO klubynyň açylmagynyň esasy maksady ýaşlary hakyky watansöýüjilik, mertlik ruhunda terbiýelemekde, milli däp-dessurlarymyza, medeniýetimize sarpa goýmakda bitirilýän beýik işleriň nobatdaky subutnamasy bolup durýar. Bu ýerde ýerleşdirilen ÝUNESKO-nyň adamzadyň maddy we maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilen birnäçe ýadygärliklerimize degişli gymmatlyklar bilen ýaşlaryň içgin gyzyklanmagy klubyň ähmiýetini has-da artdyrýar.

Все права защищены




Şu dabara mynasybetli ýokary okuw mekdebiniň mejlisler zalynda aýdym-sazly baýramçylyk çäresi geçirildi. Dabaranyň dowamynda talyp ýaşlaryň ýerine ýetirmeginde edebi-sazly kompozisiýanyň ýerine ýetirilmegi tomaşaçylarda ýakymly duýgulary döretdi. Dabaranyň jemleýji pursatlarynda ýokary okuw mekdebiniň “Owaz” aýdym-saz topary tarapyndan “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda” atly aýdymyň ýerine ýetirilmegi çäräniň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Все права защищены






Все права защищены







Все права защищены